# Göwünlik

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Göwünlik GÖWÜNLIK



Seri dumana gaplanan,
Ýalan-ýaşrykda taplanan,
Ýüregne gyýçak oklanan,
Dermana geldim ýanyňa.
«Zalym pelegiň oýnudyr.
Burulýan ejiz boýnudyr.
Munda mert ýoly aýrydyr»
Diýmäge geldim ýanyňa.

Zaryňy gargalar eşde,
Gagyldap gulagmy deşdi.
Her kişiniň derdi başga,
Duýmaga geldim ýanyňa.

Goýber meni huzuryňa.
Durgy bolaýyn zaryňa.
Gün şuglasyn ykbalyňa

Çaýmaga geldim ýanyňa.

Aýjahan ANNABAÝEWA.

04.02.2023 ý. Goşgular